Üns belli bir nerw merkezleriniň oýanmasy,beýlekileriniň tormazlanmasy bilen baglanyşykly bolup, olar subýekt üçin ähmiýetli gyjyndyrjylary ýüze çykarmaga, ýagny psihiki işiň gönükdirilmesini üpjün edýärler. Şeýle gönükdirilmäniň ýönekeý görnüşi oriýenyirleji refleksdir. Her bir täze döreýän gyjyndyrma, eger-de ol ýeterlik intensiwlikde bolsa,degişli oýanma döredip, ol bolsa I.P.Pawlowyň —bu näme diýip atlandyran refleksinde ýüze çykýar.Bu ünsüň ýönekeý görnüşleriniň fiziologik esasaydyr.

Ünsüň fiziologik esaslaryna düşünmekde I.P.Pawlowyň açan nerw proseslериниň induksiýa kanuny örän möhümdir. Bu kanuna görä, kelle-beýniniň gabagynyň bir oblastynda döreýän oýanmalar, onuň beýleki oblastlarynda tormozlanma döredip bilýär. Tersine, gabygyň bir böleginiň tormazlanmasy onuň beýleki böleklerinde oýanma döredýär. Her bir pursatda kelle beýniniň gabygynda oýanma döretmek üçin has amatly, optimal şertleri bolan belli bir güýçli oýanyş ojagy bolýar. Eger-de kelle çanagyň üstünden parran seredip bolýan bolsa, eger-de ýarym şarlaryň optimal oýanyşly ýerleri ýagtylýan bolsa, biz pikirlenýän aňly adamyň ýarym şarlarynda formasy we göwrümi boýunças üznüksiz uüýtgeýän gutarnykly takyk konfigurasiýa bolmadyk ýagtylyk nokady, onuň töwereginde bolsa kölege bilen örtülen giňişligi görerdik diýip, I.P.Pawlow ýazypdy.

Ünsüň fiziologik esaslaryny aýdyňlaşdyrmakda A.A.Uhtomskiý tarapyndan teklip edilen dominanata prinsipe-de uly ähmiýete eýedir.Bu prinsipe görä, beýnide hemişe oýanmanyň agalyk ediji ojagy bolup, ol bu wagtda beýnä barýan oýanmalary özüne çekýär, we şol mynasybetli has-da güýçlenýär. Şeýle ojagyň döremeginde diňe bir şu pursatda gyjyndyryjynyň güýji däl-de,eýsem nerw sistemanyň öňki täsirler bilen döredilen içki ýagdaýy,beýnide geçen tejribelerde torç edilen nerw ýollaryň baglanyşyklaryň bolmaklygy, berkidilmekligi uly rol oýnaýar.

Nerw sistemanyň işiň häsiýeti onda agdyklyk edýän dominirleýji ojagyň barlygy bilen kesgitlenýär.Psihologik nukdaý nazardan bu ünsüň şu pursatda belli bir gyjyndyryjylara gönükdirilip, beýlekilerden sowulýanlygyny aňladýar.

**Humaý BABAÝEWA**
**Döwletmämmet Azady adyndaky**
**Türkmen milli dünýä dilleri**
**institutynyň talyby**

Все права защищены